# Zandyýamanlar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Zandyýamanlar ZANDYÝAMANLAR




Zandyýaman gan isleýär,
Adam döräli bäri.
Dawa-jenjel, goh-galmagal,
Gadymy käri.
Adamyň guran zadyny
Paýhynladyp,
Weýran etmekdir täri.
Adam jan isleýär,
Hem şan besleýär.
Adamyň kän kemi,
Ýöne weli zandyýaman,
Kän isleýär.
Gaharyndan,
Zäherinden ýarylyp,
Soň gidýär oň özi,
Guma garylyp.
Leşger toplap,
Leşger üste gidenler,
Ýurt basyp, tozduryp,
Gitdi gedemler.
Niçeleriň boşap galdy gujagy,
Ýykylandyr niçeleriň ojagy,
Lowlap gitmiş oda düşen saçagy,
Öý-öwzarsyz, galan däldir paçagy,

Adamlaryň garnynda
Dürtülgi dur pyçagy.
Garaz, weýran bolanyň ýokdur sany-sajagy.

Zandyýaman zulumy
Kändir, hebesdir.
Muňa sebäp diňe gara nebisdir.
Eger goramasaň özüň zulmatdan,
Düşersiň dünýäde abraýdan-atdan.

Çingiz nany getiren hem nebisdir,
Napoleny ýatyranam nebisdir,
Gitlerem birdemde ýitiren nebis,
Öz oduna ýandy, ol faşist-nemis…
Tükeniksiz mysaly kän bularyň,
Sütem etse adam adama eger,
Dowzahydyr özi, zürýadam meger… Goşgular